**“Tassyklandy”**

„Köpetdag-Lada“Açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň
Paýdarlarynyň nobatdan daşary Umumy ýygnagynyň
2023-nji ýylyň noýabr aýynyň 07-däki
19 belgili Teswimamasy bilen.

**Gymmatly kagyzlaryň ýeke-täk döwlet sanawyndaky belgisi:**

| | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | | | |

Bellige alnan senesi: ______________________

Bellige alan edara: Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi
Bellige alan edaranyň ygtyýarly wekiliniň ady we goly: __________________

M.Ý.

# GYMMATLY KAGYZLARYŇ EMISSIÝA PROSPEKTI

## “KÖPETDAG-LADA”

## AÇYK GÖRNÜŞLI PAÝDARLAR JEMGYÝETI

**Atly Obligasiýalaryň sany 7 000, her biriniň nominal bahasy 1 000 manat**

Emitentiň Baş direktory: ______________________ B.S. Hangulyýew

Emitentiň hasapçysy: ______________________ Ý. Kulbeşerowa

M.Ý.

# 1. Emitent barada umumy maglumatlar

1.1. Emitentiň doly ady: “Köpetdag-Lada” açyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti;

1.2. Emitentiň gysgaldylan ady: “Köpetdag-Lada” AGPJ;

1.3. Eýeçiligiň görnüşi: açyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti;

1.4. Yuridiki salgysy we ýerleşýän ýeri: Aşgabat şäheri, Berkararlyk etraby, Baba Annanow köçesi, jaý 104.

1.5. Bank maglumatlary:

Ady: “Köpetdag-Lada” AGPJ

Salgysy: 744000, Aşgabat şäheri, Berkararlyk etraby, Baba Annanow köçesi, jaý 104.
Salgyt kody: 102301000169.
Bank: «Türkmen-Türk» PTB
Hasaplaşyk hasaby (manatda): 23202934173172200341000
Hasaplaşyk hasaby (ABŞ dollarynda): 23202840173168308341000
Hasaplaşyk hasaby (Ýewroda): 23202978173168908341000
BAB: 390101731

1.6. Döwlet belgisine alan edara: Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi;

1.7. Türkmenistanyň ýuridik şähslaryň ýeke-täk döwlet sanawyndaky belgisi we senesi: №25180045, sene: 20.01.2018ý.

1.8. Işiň esasy görnüşleri: ýeňil awtoulaglara tehnika hyzmat etmek we olary abatlamak, awtoulag serişdeleriniň we ätiýaçlyk şaýlarynyň lomaý söwdasy, awtomobil we ýeňil awtoulag serişdeleriniň lomaý, bölek we komission söwdasy, hususy gozgalmaýan emlägi kärendä bermek.

1.9. Emitentiň ygtyýarnamalary (bar bolsa): Ýok

1.10. Jemgyýetiň Tertipnamasynyň esasy düzgünleri:

“Köpetdag-Lada” AGPJ-niň Tertipnamasy “Paýdarlar jemgyýetleri hakyndaky”, “Gymmatly kagyzlar bazary hakyndaky” Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda taýýarlanyldy we Jemgyýetiň Paýdarlarynyň Umumy ýygnagynyň 27.12.2017ý. senedäki 5 belgili Teswirnamasy bilen tassyklandy. “Köpetdag-Lada” AGPJ Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ýuridiki şahs bolup durýar.

1.11. Jemgyýetiň Gözegçilik geňeşiniň agzalary:

| Gözegçilik geňeşiniň agzasynyň A.A.F. | Eýeleýän wezipesi häzirki wagtda | Emitentiň esaslyk maýasyndaky paýy | |
|---|---|---|---|
| | | Manatda | Göterimde |
| Ataýew Soltanmyrat Bäşimowiç | Gözegçilik Geňeşiniň başlygy, paýdaryň doly ygtyýarly wekili | Ýok | Ýok |
| Amanow Amanmyrat Döwletowiç | Gözegçilik Geňeşiniň agzasy, paýdaryň doly ygtyýarly wekili | Ýok | Ýok |
| Annaglyjow Gazakbaý Nazarowiç | Gözegçilik Geňeşiniň agzasy, paýdaryň doly ygtyýarly wekili | Ýok | Ýok |

1.12. Emitentiň paýnamalarynyň 5%-den köp eýelik edýän paýdarlary:

| Paýdarlarynyň doly ady | Paýdarlarynyň ýazgyda duran salgysy | Emitentiň esaslyk maýasyndaky paýy | |
|---|---|---|---|
| | | Manatda | Göterimde, % |
| Baýramowa Şemşat Muhamedowna | ş.Aşgabat, kiçi etrapça Parahat 2/3, jaý 1, öý113 | 80 670 | 49,80 |
| Ylýasow Suwhanberdi | ş. Mary, köç. Bitaraplyk, jaý 61a, öý 6. | 1 580 | 0,98 |
| Myradow Gurbannazar Tagyýewiç | ş.Aşgabat, 4-nji A.Nyýazow geçelge, jaý4, kor.1, öý 10. | 1 200 | 0,74 |

1.13. Emitentiň Ýerine ýetiriji edarasy:

| Ýerine ýetiriji edarasynyň agzasynyň A.A.F | Eýeleýän wezipesi häzirki wagtda | Emitentiň esaslyk maýasyndaky paýy | |
|---|---|---|---|
| | | Manatda | Göterimde, % |
| Hangulyýew Batyr Sapargulyýewiç | "Köpetdag-Lada" AGPJ-niň Baş direktory | Ýok | Ýok |

1.14. Emitentiň işgärleriniň jemi sany: 42 sany

1.15. Emitentiň birleşmelere (assosiasiýalara), birleşiklere we jemgyýetçilik guramalaryna agzalygy: Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi.

1.16. Halkara we ýurdumyzdaky reýting agentlikleriň beren reýtingi: Ýok

## 2. Emitentiň işi barada maglumatlar we esasy maliýe görkezijileri.

2.1. Emitentiň maliýe ýagdaýynyň esasy görkezijileri barada maglumat:

| T/b | Esasy maliýe görkezijiler | 2021 ý. | 2022 ý. |
|---|---|---|---|
| 1 | Girdeji | 6 719 355 | 6 233 921 |
| 2 | Çykdajy | 4 171 527 | 3 749 061 |
| 3 | Sap peýda | 2 547 828 | 2 484 860 |
| 4 | Aktiwler (şol sanda): | 11 396 306 | 13 438 726 |
| 5 | Arassa aktiwler | 9 397 653 | 11 760 120 |

2.2. Emitentiň esaslyk maýasynyň möçberi: 162 000 (bir ýüz altmyş iki müň) manat;

2.3. Emitentiň maliýe hasabatlylygy: 2021 we 2022 ýyllar boýunça Maliýe hasabatlylygynyň toplumynyň nusgalary goşulýar.

2.4. Audit netijenamasy: 2022-nji ýylyň 31-nji dekabr ýagdaýyna Maliýe-hojalyk işleriniň netijeli boýunça Audit hasabatynyň nusgalary goşulýar.

2.5. Paýnamalaryň soňky üç ýylyň dowamynda çykarylyşy barada maglumat: Çykarylmady

2.6. Obligasiýalaryň soňky üç ýylyň dowamynda çykarylyşy barada maglumat: Çykarylmady

2.7. Maýa goýum taslamanyň maksady we tehniki -ykdysady esaslandyrmasy:
”Köpetdag-Lada” açyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti, jemgyýetiň maýa goýum maksatnamalaryny durmuşa geçirmek, jemgyýetiň işini has-da ösdürmek we ýerine ýetirýän hyzmatlaryň gerimini giňiltmek we hilini ýokarlandyrmak üçin enjamlaryň birnäçesini tapgyrlaýyn täzelemek, hem-de ýurdumyzyň awtoulag bazarynda raýatlarymyza elýeterli awtoulaglary hödürlemek maksady bilen, daşary ýurtlardan täze ýeňil awtoulaglary we olaryň ätiýaçlyk şaýlaryny satyn almak göz öňünde tutulýar.

## 3. Emitentiň gurluşy.

“Köpetdag-Lada” AGPJ öz işinde Tertipnamasy laýyklykda, Jemgyýetiň işine ýolbaşçylygy (dolandyryşy) şu aşakdakylar amala aşyrýar:

- Paýdarlaryň umumy ýygnagy, ol Jemgyýetiň işlerine ýokary ýolbaşçy (dolandyryjy) gurmasy, edarasy bolup durýar. Jemgyýet paýdarlaryň her ýyllyk umumy ýygnagyny we paýdarlaryň nobatdan daşary umumy ýygnaklaryny geçirýär;
- Jemgyýetiň Gözegçilik Geňeşi, oaryň agzalary paýdarlaryň ýa-da olaryň wekilleriniň sanyndan saýlanylýar;
- Jemgyýetiň ýerine ýetiriji edarasy, ol Jemgyýetiň gündelik alyp barýan işine ýolbaşçylygy (dolandyryşy) onuň ýeke-täk ýerine ýetiriji Baş direktor amala aşyrýar;
- Jemgyýetiň derňew topary, ol Jemgyýetiň maliýe-hojalyk işlerine gözegçiligi amala aşyrýar.

## 4. Dolanşyga göýberilýän gymmatly kagyzlar barada maglumatlar we şertleri.

4.1. Obligasiýanyň goýberilişiniň görnüşi: Atly resminamalaşmadyk.

4.2. Obligasiýanyň ýerlenilýän ýeri: “Aşgabat gazna biržasy” ÝGPJ-niň söwda ulgamy.

4.3. Obligasiýanyň goýberiliş, ýerleşdiriş we yzyna gaýtarylyş ölçegleri:

- bir sany obligasiýanyň nominal bahasy: 1 000 manat;
- obligasiýanyň umumy sany: 7 000 sany;
- obligasiýanyň goýberiliş möçberi: 7 000 000 manat;
- obligasiýanyň ýyllyk girdeji göterim möçberi: 10%;
- obligasiýanyň dolanşyk möhleti: 2 ýyl;
- obligasiýanyň üpjünçiligi: emitentiň arassa aktiwleriniň gymmatynyň möçberi;
- obligasiýa boýunça göterim girdejileri tölemek tertibi: çärýekleýin;
- obligasiýa boýunça esasy berginiň gaýtarylmagynyň tertibi: soňky çärýekde girdeji göterimi bilen bilelikde maýadarlara gaýtarylýar;
- obligasiýanyň ýerlemek we tölemek tertibi: nagt däl görnüşinde milli pul birliginde;
- obligasiýanyň ýerleşdirilmeginiň başlanýan senesi: Obligasiýanyň emissiýasynyň döwlet belligine alnan senesinden;
- obligasiýanyň ýerleşdirilmeginiň tamamlanýan senesi: döwlet belligine alnan senesinden 2 ýyl möhletde;
- ýerleşdirilmeginiň usuly - açyk ýazylyşyk;
- mümkin bolup biljek eýeleri - fiziki we ýuridiki şahslary.

4.4. Obligasiýalaryň bir şahsyň satyn aljak iň az mukdary: 10 sany.

4.5. Obligasiýanyň möhletinden öň yzyna satyn almak şertleri:

Obligasiýalaryň möhletinden öň yzyna satyn alynmagy Emitent bilen Maýa goýujynyň özara ylalaşygy boýunça amala aşyrylyp bilner. Maýa goýujynyň ýüzlenmesi esasynda obligasiýalaryň möhletinden öň yzyna satyn alnan ýagdaýynda, şol çärýege degişli göterimi hasaplanylmaýar. Obligasiýalaryň möhletinden öň Emitent tarapyndan yzyna satyn almak ýa-da Maýa goýujy tarapyndan yzyna satmak karary barada 2 (iki) aý öňünden biri-birine habar edilýär.

4.6. Obligasiýalary emissiýa etmek baradaky karary kabul eden Emitentiň edarasy: “Köpetdag-Lada” açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň Paýdarlaryň Umumy ýygnagy.

## 5. Emissiýa prospektine goşulýan resminamalaryň sanawy.

5.1. Emitentiň Tertipnamasynyň göçürme nusgasy;

5.2. Emitentiň Türkmenistanyň ýuridik şahslaryň ýeke-täk döwlet sanawyndan göçürmesiniň nusgasy;

5.3. Emitentiň 2021 we 2022 ýyllar boýunça Maliýe hasabatlylygynyň toplumynyň göçürme nusgalary;

5.4. Emitentiň 2022-nji ýylyň 31-nji dekabr ýagdaýyna Maliýe-hojalyk işleriniň netijeleri boýunça Audit netijenamasynyň göçürme nusgalary.

SAHYPA  BELGILENDI

WE BAGJYKLANDY.

5 ( bäş)